NATO OTAN

# NATO Döretme

BAŞGA MAGLUMAT?
Biziň saýty: www.nato.int görmäge gelmeseňizläň



## Adamlary goramak

Biz köplenç islän wagtymyz howpsuz ýerde gezmeläp, ykdysady taýdanam parahat bir ýerde yaşap bilmegimizi tebigy bir ýagdaý hasaplaýarys. Durmuşyň her bir sepgidinde howpsuzlyk biziň ösüşimiz üçin iň bir möhüm meseledir.

## Täze howplara garşy göreşmek

Abanýan howp üýtgän wagty, asudalygy goramagyň usullaram üýtgeýär. NATO özüniň goranmak serişdelerini häzirki döwürde abanýan howplara garşy göreşmäge amatly ýagdaýa getirýär. Ol terrorizm, başarnyksyz döwletler we asudalyga howp salýan köpçülikleýin ýok ediş ýaraglar ýaly meseleleri çözmek üçin köpmilletli täze çözgütler getirýär we bu çözgütleri iş ýüzünde görkezmek üçin güýç ýygnaýar.

## Hyzmatdaşlygy berkitmek

Parahatçylykly gatnaşyklary dowam etdirmek we çuňňur halkara düşünişmek üçin özara gürrüňdeşligi we hyzmatdaşlygy gurnamak gaty möhümdir.

NATO öz agzalaryna bir-biri bilen howpsuzlyk meselelerini özara maslahatlaşyp, birek-birege ynam döretmek we uzyn wagtyň içinde çaknyşyklaryň öňüni almak üçin uly mümkinçilik döredýär.

Iş ýüzünde hyzmatdaşlyk we köp taraplaýyn inisiatiwa arkaly, bu ýurtlar özlerine howp salýan güýçlere garşy bilelikde göreşýär.

## Parahatçylygy we durnuklylygy gurmak

Asudalygyň hözirini hemme adamlar bilelikde görüp bilýär. Parahatçylyga howp salýan wakalaryň emele gelen regionlaryny asudalaşdyrmak möhümdir Şol sebäpli NATO, beýleki halkara guramalar bilen bilelikde, krizis çözme operasiýalarynda görnükli rol alýar.

## Agza we hyzmatdaş ýurtlar

1949-njy ýylyň Gurbansoltan aýynyň 4-i, Demirgazyk Atlantik Hyzmatdaşlygyna gol çekilmegi

### AGZA ÝURTLAR (KABUL EDILEN WAGTYNA GÖRÄ)

Albaniýa /2009
Belgiýa /1949
Bolgariýa /2004
Kanada /1949
Hyrwatystan /2009
Çeh Respublikasy /1999
Daniýa /1949
Estoniýa /2004
Fransiýa /1949
Germaniýa /1955
Gresiýa /1952
Wengriýa /1999
Islandiýa /1949
Italiýa /1949
Latwiýa /2004
Litwa /2004
Lýuksemburg /1949
Niderlandiýa /1949
Norwegiýa /1949
Polşa /1999
Portugaliýa /1949
Rumynyýa /2004
Slowakiýa /2004
Sloweniýa /2004
Ispaniýa /1982
Türkiýe /1952
Beýik Britaniýa /1949
Amerikanyň Birleşen Ştatlary /1949

### DÖWLETLERIŇ PARAHATÇYLYK UGRUNDAKY HYZMATDAŞLYGY (PUH):

Ermenistan
Austriýa
Azerbeýjan
Belarusýa
Bosniýa we Gersegowina
Finlandiýa
Gruziýa
Irlandiýa
Gazagystan
Gyrgyzystan Respublikasy
Malta döwlet
Moldowýa
Gara Daglyk ürt
Orsiýet
Serbiýa
Şwesiýa
Şwessariýa
Täjigistan
Öňki Ýugowslawiýa degişli bolan Makedoniýa Respublikasy*
Türkmenistan
Ukraina
Özbegistan

### ORTAGÜNDOGAR GÜRRÜŇDEŞLIK AGZALARY

Algeriýa
Müsür
Israýel
Ürdün
Mauritaniýa
Marokko
Tunis

### STAMBUL HYZMATDAŞLYGY BAŞLANGYJY (SHB)

Bahreýn Döwleti
Kuweýt Döwleti
Katar Döwleti
Birlrşen Arap Emiratlary

*Türkiýe Makedonýa Respublikasyny konstitusiýasynda tanady.




# NATO näme?

Demirgazyk Atlantik Hyzmatdaşlyk Guramasy dünýäniň iň möhüm halkara guramalarynyň biridir. Ol syýasy we harby bileleşik bolup, onuň düzümine Ýewropadan we Demirgazyk Amerikadan 28 agza döwlet girýär.

Bu döwletler howpsuzlyk we goranmak ugrunda özara arkalaşmak üçin ýygnanyşýarlar. Bu babatdan, NATO ýokarda agzalan iki materik arasynda syýasy we howpsuzlyk ugurlaryndan hyzmatdaşlygyň ýeke-täk köprüsi bolup durýar.

## NATO näme edýär?



NATO, öz agzalaryny syýasy we harby ýollar bilen goramagy maksat edinýär. Şol bir wagtyň özünde ol NATO-nyň agzasy bolmadyk ýurtlar bilen goranmak reformalary we parahatçylygy saklamak ýaly köp ugurlardan giňişleýin maslahatlaşmagy we hyzmatdaşlygy goldaýar.

Özara pikir alyş çalşygy we hyzmatdaşlyk arkaly, NATO öz agza döwletleriniň serhetleriniň içinde we daşynda her hili çaknyşygyň öňüni almaga goşant goşýar.

Ol demokratiki usullary goldaýar we düşünişmezlikleri parahatçylykly ýol bilen çözmegiň tarapdary bolup durýar. Eger diplomatiki ýollar bilen çözüp bolmajak meseleler ýüze çyksa, bu gurama ýeke özi ya-da beýleki ýurtlar we halkara guramalar bilen bilelikde hereket edip, krizisi harby ýollardan çözmek üçin ýeterlik resursa eýedir.

Şol bir wagtyň özünde NATO-nyň üçünji ugry, kyn ýagdaýda guramaçylygy alyp barmak, öz Agzalaryna we Hyzmatdaşlaryna tebigy hadysalaryň emele gelen ýagdaýynda kömek bermek, bulardan başga-da, ylym we daş tôwevek babatdan hyzmatdaşlygy goldaw bermek.

## NATO nähili işleýär?

Her bir agza ýurduň hemişelik delegasiýasy NATO-nyň Brýusseldäki syýasy merkezinde işleýär. Bu delegasiýanyň başlygy ilçi bolup, ol Hyzmatdaşlygyň maslahatlaşma we karar berme proseslerinde öz hökümetiniň wekili hasaplanýar.

Demirgazyk Atlantik Geňeşi, bu Guramanyň iň möhüm karar berme organydyr. Bu geňeş belli wagtlarda ýygnanýar, onuň başlyklygyny NATOnyn Baş Sekretary alyp baryp, gerekli ýerlerde agzalaryň möhüm meselelerde ylalaşmagyna kömek edýär.

NATO tarapyndan kabul edilýän kararlar ähli agzalaryň agzybirligi bilen alynýar. Şol sebäpli, “NATO karary” ähli agza ýurtlaryň şol karar bilen razylaşýandygyny aňladýar.

NATO-nyň özüne degişli hemişelik güýçleri gaty azdyr. Haçan-da Demirgazyk Atlantik Geňeşi bir operasiýa üçin ylalaşanda, her bir agza ýurt öz islegine görä goşant goşýar. Operasiýanyň maksady ýerine ýetirilenden soň bu güýçler öz ýurtlaryna gaýdyp barýar.

Bu operasiýalary gurnamak we alyp barmak wezipesi harby komanda düzümine degişlidir. Komandanyň düzümine baş ştab we agza ýurtlarda ýerleşýän bazalar girýär.

NATO-nyň gündelik işleriniň, syýasy we harby taýdan howpsuzlyk üçin goýýan maýa goýumlary maksatnamalarynyň çykdaýjylary üçin umumy bir fond bolup, her bir agza hökümet öňden ylalaşylan çykdajy bölüşme düzgünnamasyna laýyklykda öz goşandyny bu fonda goşýar.



© NATO 2010 - TRM